# Depegöz / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Depegöz / hekaýa DEPEGÖZ

Bir el jaňsagady öçürýär. Bu el meňki däl. Näzik hem has ak. Gözüm çala açylýar. Gabaklaryň arasyndaky çyzyga stoluň bir çeti, üstünde Stewensondan bir kitap, gapdalyndaky küldandan hüžžerip duran çilim galyndylary sygýar. Ýene gözümi ýumýan.
– Rejepbaý mollaň ogly – biri maňa seslenýän ýaly. Rejepbaý mollany ýatlaýan. Dädem nähili gowy adamdy, pahyr. Aý oňam gözleri kä wagt ýeserje ýyldyraýmasy bardy. Ha-ha. Toba. Sorry, däde.
Hudaýýolyda molla dädem ýok bolsa maňa töwir galdyrtýardylar. Mähelläň meň müňküldeýän agzyma seredip oturşy meni ilkiler hopukdyrsa, soňabaka gülkimi getirýär. Soň soňlar irizdi. Adamlar meň höwessizligimi agraslyga ýordular. “Ýaş başyna gör nähili agras oglan, tüweleme-tüweleme”.
Tüweleme… şeýle ýeňil ýöreýärmikä? Men ýörämde jygyldap, il örüzýän pol onuň aýajyklarynyň astynda sessiz ýatyr. Haýyn pol diýsä! Aýaklarynyň ujunda ýöreýärmikä? Egnine bir zat atdymyka? Kebelek ýaly gaýyp barşy göz öňüme geldi. Kellämi galdyryp seretmedim. Bilýän, hyýalymdaky has gözel.
Obadakylaň meni okuwa ugradyşy ýadyma düşýä. Ýatlasym gelenok, ýöne ýatlama gelýä. Dädem ýok, dädem indi, dädem pahyr. Men ony soňky ýola ugratmankam, ol meni okuwa ugratmagyň bar gamyny iýipdir. Täzelikde garaşsyz bolan döwletden daşary ýurda okuwa gitmek o döwür gaty tolgundyryjydy.
Okuw döwürlerimmi? Ha-ha-ha.
O ýerler biziň obamyzdan şeýle bir uzak weli, obany, adamlaň maňa ynamyny ýatlamagam maňa kyndy.
Dört ýyl hiç gara bermän, dört ýyldan soň dolanyp gelenimde gür ýylgynlyga bürenip oturan obamyň tas ähli ilaty mähelle bolup garşy aldylar. Her hili soraglar, hoş geldiň sözleri, Allaha şükür etmeler we şm .Soraglara jogap bermegimiň geregi ýok. Bir ýylgyryş bilen jogap berýän.Meselem bize mukaddes

suwdan getirmediňmi diýýäne näme jogap berip bilerin?! Haýsy suw hakynda gürleýänine düşünmän, ýüzüne ýylgyryp seredýän. Garaşdyrman başga bir ýüz oň ýerine geçip, goňşy obalaryň birinden okamaga USA giden tanşyny soraýa. Oňada ýylgyrýan.
Suwyň sesi gelýär. Kafele degip parçalanýan suwyň, näzik bir teniň üstünden togalanýan damjalaryň …
– Men nirede?
Depegöz Besedi öldüren bolsa näme bolardy ? hemişe “men nirede” diýen sorag kelläme gelende beýnim bu soragdan gaçýa,öň berlen başga bir soragy getirýä. Depegöz Besedi öldüren bolsa näme bolardy ?
Men nirede ?
Atam uruş döwründe nemesleriň tarapyna geçipdir, dosty bärde orslaň tarapynda galypdyr. Atam orslary duşman hasaplapdyr, dosty, nemesleri duşman hasaplapdyr. Haýsy dogry, kim haýyn?
Bu soragy maňa kim berdi ? Hä-ä, ýatladym, Oraz.
Bu gaty çuň mesele – diýipdim. Ýüzümize seredişip durupdyk.ýylgyryş bilen jogaplap bilmedim öýdýän. Orazdan aragyň ysy gelýärdi. Dury kellä gürleşeris – diýdim. Bu sapar Oraz ýylgyrdy. Kim haýyn, ki-im. Haýyyn – diýip hiňlenip gitdi.
Kim haýyn? Men nirede?
Meni obaň halky molla belledi. Hoş ýakmanam duranok. Klasdaş dostlaryň “Salowmaleýkim, molleke” diýip, ikelläp salamlaşýar. Bir-birlerine bakyp ýylgyryşsalaram sylaýandyklaryny duýýan.
Ýöne “Mollekäň” ahlak çäklerine sygmak maňa gaty kyn düşýär. Edil geçen ýyl bu günler meniň deňiz kenarynda sary saçly gyzlar bilen suw sepişip oýnaýanlygmy bu adamlar nä bilsin. Gyrmyzy şerabyň dady agzymda duýulan ýaly boldy… Bulara hakykaty aýtmaly.Ýöne dädem pahyry sylamady hasaplajaklar. Oba hyýanat eden ýaly görjekler.
Orazyň atasy barada pikir edýän. Nöker mugallymyň atasy onuň söweş ýoldaşy eken. O barada gündeliginde giden zat ýazypdyr. Maňa getirdi.
Orazyň atasy bilen Nökeriň atasy bu meseläni uzak çekeleşipdirler (Oguz bilen Guldurdy) Oguz nemesleriň kömegi bilen watana garaşsyzlyk getirip bolar diýip hasaplapdyr. Bir

ugra orsdanam arymyzy alarys diýipdir. Guldurdy bolsa, bu söweşi sowetler ýeňip çykaýsa o diýýäniň has beter tragediýa sebäp bolar -diýipdir. Asyl ýaşap ýören döwrüniň tutuş tragedýalygny unudan bolsa gerek. Belki duýan däldir. Belki has agyrrak tragediýa barada gürrüň edýändir. Orazam gelip menden, bu iki beýik ynsanyň, ýowuz asyryň bu iki pidasynyň haýsam bolsa birini haýyn yglan etmegimi soraýa. Oraz eşdýäňmi, şu ikisinden birine kim haýyn diýse haýyn şony diýýäniň özüdir. Bular iki gahryman. Ýöne Oraz muny eşdenok, Nökerem eşdenok. Olara beý diýip aýdyp biljegimem gümana. Olar meniň sahabalardan mysal getirmegime, hadys aýtmagyma garaşýa. Okan döwrümde hadys kitabynyň kapyr pelsepeçileriň kitaplarynyň astynda galanyny olar näbilsin? Şu zatlaryň ýüki maňa gerekmi?…

Pol jygyldaýa. Edil hyýal edişim ýalam ýeňil ýöremeýänini duýýan. Öwrülip ýüzine seredýän. Gözüne seredýän. Kimdir biriniň gözegçi kameralaryň işläp işlemeýänligini bilmek üçin içine seretmeliligni, içinde gyzyl şöhle bolsa işleýänligni aýdany ýadyma düşýä. Näme üçin aýtdyka?.. Gözlerine seredýän. Şöhle ýok.

– Işlänok – diýýän.

– Näme işlänok?

– Hiç-le.

– Wiý, aýtda, bir zady döwdümmi?

– Ýok, öň döwükdi, sen döwmediň – diýýän.

Ýüzugra çigit çigitlän ýaly ýalan gürleýşime haýran galamok. Nämä haýran galaýyn? Ertir azany aýdyldy. A men ýatagymda, ýanymda da nätanyş bir gyz.

Men nirede?

Kim haýyn?

Depegöz Besedi öldüren bolsa näme bolardy?

Oguz, näme üçin beýläk geçdiň?

Bu hekaýatdan özüme gaçybatalga gözleýärmikäm?

Oguz baýyň ogly eken. Ata-babasyny bu ýerleri basyp alanlar, ýeriň eýesi hasaplap öldüripdirler. Oguzam çopanlarynyň ogly edilip görkezilip ölümden gutulypdyr. Çopanyň hak ogly bilen bile urşa gidipdir. Urşda bir özbek ýigdi bilen bile

nemesleriň tarapyna geçipdir. Muny Oguzyň özi, nemesleriň tarapyna däl, orsuň garşysyna geçýän – diýip aýdypdyr. Gündeligi ýazan, Guldurdy ony SSSR döwründe hiç aýtmandyr. Sebäbi belli.

“Doganym Oguz barada bu zatlary aýdýan. Ýöne dogry düşüniň. Oňa haýyn-dönik diýen adamdan iki dünýäde razy bolmaryn. Ol gaýduwsyz, mert türkmendi. Asla -asla ölümden gorkmady, ýaşaýşyň öňünde-de ejizlemedi. Beýik maksatlary bardy. Şoňa tarap müň kynçylyga döş gerip gitdi.”

Şahyr bola. Şol gowgaň içinde olaryň watanyň geljegini pikir edip bilmekligi maňa ynandyryjy görünmeýär. Meň kalbymyň kirliliginden bolmagy gaty ahmal. Sebäbi ähli gowulyklar maňa ýasama görünmäge başlady. Ähli mukaddesliklerem şeýle.

Uly ýola çykdyk. Ugratjak diýipdim. Ol göni ýoluň kenaryna çykdy, taksi saklaryn öýtdi. Men golaýjykdaky duralga ümledim we ýanýodadan ýöräp başladym. Yzyma hassahanaň howlusyny kesip geçdim. Bir hassa irden ýa da bilemok, her birnäçe minutdan eliňi ýuwmagyň ähmiýetini düşündirýän suratly sütüni üns bilen okaýar. Has ähmiýetli zatlaryň onuň üçin ähmiýeti ýiten bolsa gerek.

Näme üçin bu tarapa geçdim men? Gül ýaljak sylagym bardy, gahryman ýaly gomparyp ýördüm obada.

Gül ýaljakmy? Men ýaş başyma nädip olaň isleýşi ýaly adam bolaýyn? Menden perişde ýasajak boldylar. Men beýle däl ahyry. Menem ýönekeý özleri ýaly adam. Men gyzlara seretmeli däl. Men gaty gülmeli däl, men şerap içmeli däl …

Goňşy obadaky Nataşaň meň bilen gatnaşýanyny öten-geçeniň barsyna aýdýanyny men nä bileýin, hiç ýerde eşdilmesin diýip nygtamdan soň. Äý-ý, jähennem-laý.

Dostym Arslan maňa ýalbardy, umytlarmyzy puja çykarma diýdi. Öz sözüdir öýtsem, obaň ýaşulylary ugradan eken. Jähennem-laý diýidim. Asylam bu ýükiň aşagynda ýegşerilip ýördüm, bir gezek egnimden agansoň, ýene egnime almak niýetim ýok. Düzel, ýola gel diýdiler. Haýsy ýola? Ha-ha.

– Aýuw, bärdemiň?

– Geliň, geliň bärde men.

– Ýene gyz getirdiňmi ? Bu ýeri saňa… Dowamyna düşünemok, ýöne

ýatdan bilýän. Sözler ilki gürzi ýaly inýär depämden, soň inçelýä inçelýä. Agyz bir rpk a öwrülýä we sözler diwarlarda, meniň bedenimde 7 mm deşikler açýa. Penjirelerden aýna döwükleri syçraýa. Mehaniki şekilde, maşynyň öňünde oturdylan oýnjak güjik ýaly baş atyp duryn. Hemmişeki jemlemäni eşdýän.
– Iň soňky sapar bolsun, gaýtalanmasyn. Onsuzam 3 aýyň pulyny töläňok…
Şu ýerde ýylgyrýadymmy ýa ýokmy? Ony ýatlap ýetişmänkäm gidýä.
Men näme üçin bu tarapa geçdim?
Ýola gel diýdiler, gelmedim. Obadan meni ýolladylar. Men näme günä edipdim? Ha-ha, bu samsyk sorag boldy.
Nöker mugallym uzakdan seredip dur. Çilimini menden gizleýän ýaly. Dilär öýdüp gorkýarmyka ýa başdaky sylagy entegem barlygyndanmy? Orazyň üstünden-başyndan ýene winoň ysy gelýä. Ysy gowy ýatlaýan, sebäbi alkymyma dykyldy, gürlände ýüzüme deminiň ýylysy gelýärdi:
– Molleke sen bara, soragma jogap bermän gidýäň.aýt kim haýyn?
– Men?
– Näme sen?
– Men haýyn.
– Yzyna öwrülip, Nökere seredip ýylgyrýa. Ol eşdenok, ýöne onda-da ýylgyrýa, ýa- da eşdendir.
sen mesele däl-laý. Senem biziň birimiz, sen haýyn däl, molleke. Men olara ynanamak. Biz bara molla bolmasagam bilýäs ony, heleý şeýtan. Heleýler bara, ýekeje zat isläýä. Ýöne bara heleýleň şoňa akly çatmyýa, ha-ha, Nataşadan başgalarynyň, ha-ha.
Birden ýüzi gamaşýa. Gülküsi uçýa. Sen molla bol, bolma, düşünjäň giňräk diýip soraýan. Oň atasynyň gündelignem okatdym bara. Nökere ümleýä. Başga bilýän ýok muny, senem bara, diliňe bek bolmaly bo-olýaň-da bilýäňmi?!
Baş atýan.maşynyň öňünde duryn
– Jogabyň ýokmy şoňa seň ?
– Aýtdyma, ikisem haýyn däl.
– Nämüçin, ikisi ters tarapda urşdy, birinden biri dönük bolmyýamy?
– Muny dury kellä gürleşeli.

– Molleke-e, molleke mende dury kelle bolmyýa, sen bulanyk kellä düşnükli edip aýt şony!
– Soň, soň düşündirjek, jaňlaşarys. Ýa -da maňa ýaz intden.
El silkip gidýä. Nökerem elini salgaýa. Ýylgynlar uzaklaşýa.
Nökeriň atasynyň gündeligine ynansam, Oguz, türk legionlaryndan habar alýan eken. Sürgündäki Türküstan hökümetiniň guruljaklygyndan habarly eken. Az ähtimallyk barlygyny bilýär, ýöne şol hökümet birden işleýän ýagdaýa geläýende, biziň illeriň adyndan gürlemäge,biziň jelegaýyň bähbidini aramaga bir wekil bolmaly diýip hasap edipdir.
«Guldurdy,islendik bir gurşun meni öldürip biler, nemesiňki ýa-da orsuňky. Tapawudy ýok. Bu ähtimallyk bar ahyry. Muny Türküstan hökümetiniň gurlup, garaşsyzlyga gowuşmak ähtimallygyna näme üçin çalyşmaýyn. Bu maňa teklip edilýärkä gorkaklyk etmek, gepden sözden gorkmak, bigaýratlygyň aňrybaşy bolmazmy».
“Oguz, men Gaýgysyzyň ýoluna ynanýan. Dünýä sabaýança orsa daýy diýmek iň dogrusy. men ýene de sen howlukmaçlyk edýänsiň öýdýän. Ýöne seni ýoluňdan saklap bilmerin. Aňyrsyny görip gelen ýok. Birden seň diýýäniň çykaýsa günäsini çekjek däl.men bärde galyp,bu günäni çekjek.”
Ah-h, ol gündeligi roman edip ýazmanlygym meň iň uly günäm bolsa gerek.
Başlyk jaň edýä.bu gün işe gitmänligim ýadyma düşýä. Oraz sms ýazýa,»Barmyň how, Molleke?»
Özümi aklajak bolýan. Isleýän ýerime barmajak ýoldalygmy görmezlik üçin gözümi ýumup,duralga barýan. Awtobusda yzky orunlarda biri aýdyma hiňlenýä. Megerem özi daşyndan hiňlenýänin bilenok. Gulaklygyndaky aýdyma goşulýa, ýa-da kalbyndaky.
Gamgyn aýdym:

– … Surat çekdim söýgülime.
Goja aýdym aýdýardy,
Bakyp ýaşyp barýan güne.
Şundan gamgyn aýdym barmy?..

Sesi gowy däldi, gyryk we ýadow. Tanyş ses .Men ýene-de düşmeli duralgamy geçýän. Öte geçýän. Tarapyny üýtgeden Oguzyň saýasyna sygnyp özümi aklajak bolýan. Haýbatly, daýow Oguz göz öňümde janlanýa:
– Tur, ýok bol, saýamdan, sana mende gaçybatalga ýok.
Beset ölen bolsa, näme bolardy? Kim haýyn?..
Başlygyň kabinetine girýän. Stoluň üstünde küldan ýoklugyna her sapar gözüm öwrenşenok. Radioda bir zenan ýakymly sesi bilen mr hyde harakteri barada aýdýa. Men geçen gijäni, säheri, suwyň sesini ýatlaýan.
Başlyk gijä galanym üçin meni utandyrmajak bolýa. Hemişeki degişmesi. Hakuna matata diýýä, men ýene Lä tahzen diýýän. Iş güni başlaýa. Barsy unudylýa.

10 sent.Änew
Nejep Baýat Hekaýalar